**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
**– BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!**

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

METBUGAT – ELEKTRON GAZETI
ELECTRONIC NEWSPAPER

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty.

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar.

№23 (106) 2024-nji ýylyň 20-nji sentýabry.



# HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

15-nji sentýabrda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Hormatly il ýaşulusy Gurbanguly Berdimuhamedow Arkadag şäherine nobatdaky iş saparyny amala aşyrdy. Gahryman Arkadagymyz bu ýerde şäheriň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda bina edilmegi meýilleşdirilýän desgalaryň şekil taslamalary bilen tanyşdy hem-de degişli ýolbaşçylaryň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi.

* * *

16-njy sentýabrda Daşary işler ministrliginde maýa goýum forumynyň hem-de Türkmenistanyň we Owganystanyň gatnaşmagynda energetika, elektroenergetika, ulag-aragatnaşyk desgalaryny işe girizmek, düýbüni tutmak dabaralarynyň netijeleri boýunça brifing görnüşli halkara amaly maslahat geçirildi. Oňa ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, daşary ýurtlaryň we halkara guramalaryň Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalarynyň ýolbaşçylary, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar.

* * *

17-nji sentýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Merkezi Aziýa ýurtlarynyň döwlet Baştutanlarynyň we Germaniýa Federatiw Respublikasynyň Federal Kansleriniň ikinji duşuşygyna gatnaşmak üçin Gazagystan Respublikasynda iş saparynda boldy. Saparyň dowamynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Astanada geçirilen Merkezi Aziýa ýurtlarynyň

## Syýasy habarlar

döwlet Baştutanlarynyň we Germaniýa Federatiw Respublikasynyň Federal Kansleriniň ikinji duşuşygyna gatnaşdy.

Gazagystan Respublikasynyň Baştutanynyň başlyklyk etmeginde geçirilen Sammitiň işine Germaniýanyň Federal Kansleri Olaf Şols, Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparow, Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti Emomali Rahmon, Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew gatnaşdylar.

* * *

17-nji sentýabrda Merkezi Aziýanyň döwletleriniň Baştutanlarynyň Germaniýa Federatiw Respublikasynyň Federal Kansleri Olaf Şols bilen Gazagystanyň paýtagtynda geçirilen ikinji duşuşygyna gatnaşan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow german işewür toparlarynyň wekilleri bilen duşuşdy.

Ýygnananlar GFR-iň işewür toparlarynyň Türkmenistan bilen birnäçe geljegi uly ugurlarda däp bolan hyzmatdaşlygy giňeltmäge uly gyzyklanma bildirýändigini aýdyp, şeýle ýokary derejedäki gyzyklanmanyň köpýyllyk bilelikdäki işiň toplanan oňyn tejribesi, döwletimizde daşary ýurtly işewürler üçin döredilýän amatly mümkinçilikler bilen şertlendirilendigini bellediler.

* * *

17-nji sentýabrda Gazagystan Respublikasynda iş saparynda bolan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Astana şäherinde geçirilen «Merkezi Aziýa — Germaniýa» formatyndaky ýokary derejeli ikinji duşuşygyň çäklerinde Germaniýanyň Federal Kansleri Olaf Şols bilen duşuşdy.

Söhbetdeşler «Merkezi Aziýa — Germaniýa» formatyndaky ýokary derejeli duşuşygyň meseleleri boýunça pikir alşyp, köptaraplaýyn görnüşde özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmek hem-de bilelikdäki täze taslamalary durmuşa geçirmek babatda giň mümkinçilikleriň bardygyny bellediler.

*«Ýaş diplomatyň sesi».*

# Ýaşlar ekologik abadançylygyň tarapdary

**16-njy sentýabrda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda howanyň üýtgemegi boýunça milli ýaşlar maslahaty geçirildi. Oňa ýurdumyzyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, halkara guramalaryň, daşary ýurtlaryň diplomatik wekilhanalarynyň ýolbaşçylarydyr wekilleri, Durnukly ösüş maksatlarynyň ýaş ilçileri, ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlary hem-de talyplar gatnaşdylar.**

Maslahatyň maksady ýaşlaryň arasynda howanyň üýtgemegi, onuň durmuş-ykdysady ösüşe, daşky gurşawyň durnuklylygyna, biodürlülige edýän täsiri, howanyň üýtgemegine uýgunlaşmaga, täsirini gowşatmaga ýardam berýän öňdebaryjy çözgütleri durmuşa geçirmäge degişli umumy çemeleşmeleri kesgitlemekden, bu babatda ýaşlaryň öňe sürýän tekliplerini ara alyp maslahatlaşmakdan ybarat boldy.

Çykyş edenleriň belleýişleri ýaly, bu maslahat şu ýylyň noýabrynda Azerbaýjan Respublikasynda geçiriljek Howanyň üýtgemegi boýunça ýaşlaryň 19-njy bütindünýä maslahatynda (COY19) türkmenistanly ýaşlaryň daşky gurşawy goramak we ekologiýa meseleler bilen bagly öňe sürjek tekliplerine garamak üçin amatly mümkinçilikdir. Onuň dowamynda ýaşlaryň öňe süren teklipleri BMG-niň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasyna gatnaşyjy taraplaryň 29-njy maslahatynyň (COP29) çäklerinde kabul edilжek ählumumy resminamalara goşular.

BMG-niň Türkmenistandaky hemişelik utgaşdyryjysy Dmitriý Şlapaçenko öz çykyşynda howanyň üýtgemegi bilen bagly maslahatlaşmalaryň Türkmenistanyň ähli welaýatlarynda geçirilendigini, olarda howanyň üýtgemegi we ekologiýa babatda türkmenistanly ýaşlaryň öňe süren garaýyşlarynyň giňişleýin öwrenilendigini belledi. Azerbaýjan Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Gismat Gozalowyň aýtmagyna görä, halkara derejede möhüm ekologiýa başlangyçlaryny öňe sürýän türkmen ýaşlarynyň öňde boljak bütindünýä ýaşlar maslahatyna gatnaşmagy möhüm ähmiýete eýedir. Ýurdumyzyň wekilleriniň çykyşlarynda Türkmenistanyň ekologik meseleler boýunça halkara hyzmatdaşlyga işjeň gatnaşyjy ýurt hökmünde köptaraplaýyn resminamalary tassyklandygy nygtaldy. Döwletimiziň bu ugurdaky eýeleýän orny Howanyň üýtgemegi barada Milli strategiýanyň rejelenen görnüşinde öz beýanyny tapdy. Geçen ýyl Türkmenistanyň Ähliumumy metan borçnamasyna goşulmagy şu babatda möhüm ädimleriň biri boldy.

***Ogulgerek ABDYKADYROWA,***
*Žurnalistikanyň nazaryýeti we amalyýeti kafedrasynyň mugallymy.*




## TÄSIRLI GEÇEN GEZELENÇ

2024-nji ýylyň 13-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň talyp gyzlarynyň gatnaşmagynda Türkmen halysynyň milli muzeýine gezelenç guraldy.

Gezelenjiň dowamynda Türkmen halysynyň milli muzeýiniň hünärmenleri talyp ýaşlary ilki bilen muzeýiň içi bilen tanyşdyryp, onuň 2009-njy ýylda açylyp, halkyň hyzmatyna berlen bu ajaýyp binanyň häzirki wagtda diňe bir paýtagtyň ýaşaýjylarynyň däl, eýsem, Aşgabadyň gözelligine aşyk bolup, dünýäniň çar künjeginden onuň ajaýyp keşbini synlamaga gelýän jahankeşdeleriň hem iň bir gelim-gidimli ýerine öwrülendigini, şeýle-de türkmen halkynyň milli ruhy siňen nepis halylaryň naýbaşylarynyň jemlenen ýeri bolan bu muzeýde dürli ýyllarda döredilen iki ýüzli halylaryň, nepis sungatyň taryhynda dokalan iň uly halylaryň saklanýandygyny belläp geçdiler.

Şeýle gezelençleriň yzygiderli guralmagy türkmen diplomatiýasynyň geljekki wekilleri bolan talyp ýaşlary ukyp-başarnyklarynyň açylmagyna ýetirýän täsiriniň uludygyny aýdyp, bu gezelenje gatnaşanlar özleriniň hoşallygyny bildirdiler.

## WINNERS OF THE CREATIVE COMPETITION

On September 10, 2024, in the Center of Public Organizations of Turkmenistan, the Central Council of the Youth Organization named after Magtymguly and the editorial office of the «Karakum» magazine jointly announced the awarding ceremony of the winners of the creative contest «Thousand senses, thousand meanings, the light of hearts — the Fount of Wisdom Magtymguly Fragi». In this competition a 3rd year student of the Faculty of International Journalism of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan Atamyrat Yazveliyev won the first prize and, a 1st year student of the same Faculty Baynazar Baikhanov won the second place.

A number of young people working in various professions and improving their reading skills took part with their poems and stories in the contest held on the occasion of the 300th anniversary of the birth of our wise poet Magtymguly Fragi. The best of the works submitted to the competition, including the works of the winning students of the Turkmen National School of Diplomacy, were published in the next issue of the «Garagum» magazine.

*«Ýaş diplomatyň sesi».*

# МЕЖДУНАРОДНОЕ ПРИЗНАНИЕ ИНВЕСТИЦИОННЫХ ВОЗМОЖНОСТЕЙ ТУРКМЕНИСТАНА

«Инвестирование должно быть похоже на наблюдение за тем, как сохнет краска или растет трава» – так писал американский экономист Пол Энтони Самуэльсон, лауреат Нобелевской премии по экономическим наукам.

В последние годы в Туркменистан направляют инвесторов не только частные лица, но и представители крупнейших международных финансовых организаций, опытнейшие экономисты мира. Будь то благодаря своему географическому положению или богатым природным ресурсам, Туркменистан привлекает внимание людей всего мира. Эти возможности сделали Туркменистан местом мечты для иностранных инвесторов. Теперь для инвестирования не нужно ехать на другой конец света, достаточно приехать в центр мира – Туркменистан. Свидетельством тому является, прошедший 10-11 сентября текущего года в столичном отеле «Йылдыз» инвестиционный форум Туркменистана, а также выставка «HI-TECH Туркменистан – 2024» и международная конференция по привлечению высоких технологий и инноваций в экономику Туркменистана, прошедшие в Технопарке города Ашхабада.



В работе масштабного форума, организованного совместно Министерством иностранных дел Туркменистана, Министерством финансов и экономики Туркменистана и Торгово-промышленной палатой, приняли участие представители ведущих отечественных и международных нефтегазовых, энергетических, строительных, транспортных и коммуникационных компаний, международных организаций, финансовых институтов и научных центров. Туркменскую сторону представляли руководители министерств и ведомств, банков, Союза промышленников и предпринимателей. В ходе двухдневного форума участники обсудили вопросы, связанные с реализацией инвестиционных проектов в стране и дальнейшим развитием международного сотрудничества в этой сфере.

В центре внимания были такие вопросы, как укрепление международного сотрудничества, принятие решений, связанных с реализацией региональных и глобальных нефтегазовых проектов, а также разработка инновационных стратегий. Выступившие в ходе встречи отметили, что в результате успешной реализации инвестиционной программы в Туркменистане, открытия современного морского порта, реконструкции автомобильных и железных дорог, совершенствования работы аэропортов повышается статус страны как международный транспортно-транзакционный коридор. Туркменская сторона призывает иностранных участников изучить возможности снижения выбросов метана при добыче углеводородных ресурсов, представить свои предложения по привлечению международных инвесторов в разработку подземных природных ресурсов Каспийского моря и внедрения в эти работы передовых инновационных технологий, нового этапа разработки месторождения «Галкыныш», строительства газопровода Туркменистан-Афганистан-Пакистан-Индия.

В рамках инвестиционного форума состоялись круглые столы по темам «Анализ современных тенденций на мировых сырьевых рынках: обзор предпочтительных тенденций на глобальном уровне и роль Туркменистана», «Вступление Туркменистана во Всемирную торговую организацию». В ходе них обсуждался опыт ведущих иностранных компаний, работающих в соответствующей сфере, а также возможности, связанные со вступлением страны во Всемирную торговую организацию.

По итогам форума подписание соглашений между туркменскими и зарубежными представителями в сфере энергетики, текстильной, химической промышленности, судостроения, закупки железнодорожного оборудования, укрепление сотрудничества в газовой сфере повысило значимость масштабного мероприятия. Всего в ходе форума было проведено более 70 двусторонних встреч, собравших 1100 участников, и подписано 18 соглашений. Это доказывает, что в ближайшие годы с зарубежными партнерами будет реализован ряд крупных проектов, которые еще больше укрепят экономическое развитие страны.

В заключительный день масштабного мероприятия особое значение имело участие в церемонии открытия и закладки энергетических, транспортно-коммуникационных, логистических объектов между Туркменистаном и Афганистаном участников форума. В результате реализации масштабных проектов для афганского народа будет создано около 12 тысяч рабочих мест и ежегодно будет генерироваться более 1 миллиарда долларов США. Это окажет положительное влияние не только на туркмено-афганские торгово-экономические отношения, но и на социально-экономическое развитие стран всего региона. Как подчеркнул наш Герой-Аркадаг, ввод в эксплуатацию новых электрогенерирующих мощностей и разрешение на строительство ряда объектов будет способствовать экспорту товаров и услуг в Азиатско-Тихоокеанский регион, Европу и Ближний Восток, также на обширные, быстрорастущие регионы и рынки.

***Сульгун НЕПЕСОВА,***
*преподаватель Института международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана.*

# «HI-TECH TURKMENISTAN 2024» EXHIBITION:

## *innovations and effective cooperation*

**From September 4 to 6, the international forum and exhibition "HI-TECH Turkmenistan 2024" was held in the Ashgabat, aimed at attracting high technologies and innovations to the economy of Turkmenistan. The event was organized by the Chamber of Commerce and Industry of Turkmenistan in collaboration with the ES "Oguzabat". As is known, in line with the Concept of Development of the Digital Economy, developed on the initiative of the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslakhaty Hero-Arkadag, Turkmenistan is successfully integrating into the global economic space by actively implementing advanced technologies across all sectors of life of state and society. This, in turn, has attracted significant attention from the world community, especially from representatives of foreign business circles interested in establishing mutually beneficial cooperation with Turkmen partners.**



***Arslanmyrat HUDAÝBERDIÝEV,***
***Specialist of «Arhea» company:***



*In our independent country, it has become a well-established tradition to regularly hold international conferences, exhibitions, festivals and business meetings. These events play a significant role in attracting substantial investments to the national economy and expanding bilateral cooperation.*

*I had the privilage of participating in the exhibition held in our white-marble capital on the eve of the 33rd anniversary of the independence. Today, modern technologies are actively utilized in all spheres of life. We also represent the Arhea company at international conferences and exhibitions introducing high technologies and innovations into the economy. We provide the client with the ability to visualize completed projects through a virtual devices, ensuring a positive experience and making the necessary adjustments. In addition, our company has been serving for several years in the fields of construction, design and also animation. On the initiative of the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslakhaty, Hero Arkadag, Turkmenistan is successfully integrating into the global economic space.*

***Jun Sun TONG ,***
***Delegate of «Dezhou Huanxiang New Material Technology Co., Ltd» company:***



*First of all, I would like to express my sincere gratitude to the esteemed President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov and National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslakhaty, Hero Arkadag for the opportunity to participate in the high-level exhibition. I am also grateful to the organizers for providing the opportunity to attend such a prestigious forum, which I want to note, has been organized at a high level while demonstrating the warm hospitality of friendly turkmen side. The main feature that impressed me in the Turkmen land was the beauty of the capital city Ashgabat.*

*Today, Turkmenistan is known worldwide as a country that frequently hosts international forums and exhibitions. This is clearly evidenced by the "HI-TECH Turkmenistan 2024" forum, which is attended by business leaders from around the world. As we know, the development of the global economy today depends on the digital network. Our company since its inception has been serving 36 countries of the world with geosynthetic products. In the future, we plan to expand the scope of our work throughout Turkmenistan.*

***Merjen JUMAGYLYJOVA,***
*the 5th year student of the Faculty of International Journalism.*

***В Туркменистане подвели итоги конкурса Hi-tech Startup 2024, который проходил в рамках Инвестиционного форума в Ашхабаде. Жюри конкурса присудило 1 место проекту Unite, 2 место — проекту Allsounds, 3 место — команде проекта Biar delivery.***

# TÜRKMEN DIPLOMATIÝASYNYŇ AÝRATYNLYKLARY

**Geljekki ýaş diplomatlarymyzyň arasynda menden türkmen diplomatiýasynyň aýratynlygy barada soraýanlar hem az däl. Bu mesele barada gürrüň edip, ozaly bilen, şol aýratynlygyň diňe bir diplomatiýada däl, eýsem, onuň halkymyzyň däp-dessurlarynda, taryhynda, edebiýatynda we sungatynda, hatda tebigatymyzda hem ýüze çykýandygyny belläp geçmekçi. Sebäbi biziň süýji topragymyzda ösdürilip ýetişdirilýän tagamly gök önümler we ir-iýmişler, şol sanda meşhur türkmen gawunlary bilen daşary ýurtlardan alynýan hiç bir önüm asla bäsleşip bilmeýär. Meniň bu aýdanlarym Garagumda bakylýan goýunlaryň etine hem degişlidir. Umuman, türkmen tebigatynyň eçilýän bu ajaýyp zatlaryny dadan adam olaryň tagamyny hiç wagt ýatdan çykarmaýar.**

Gürrüňini edýän aýratynlygymyz, özbolușlylygymyz milli we halkara düşünje bolan ylma hem degişlidir. Ylmyň gazananlary umumadamzat ähmiýetine eýedir. Şol bir wagtyň özünde hem Türkmenistanyň tebigy şertleri, ykdysadyýetiniň häsiýeti we başga şertler bilen kesgitlenilýän türkmen ylmynyň öz ýüzi hem bardyr. Oňa, ozaly bilen, çägeli çäkleri öwrenmek, özleşdirmek we özgertmek, Gün energiýasyndan peýdalanmak, atmosferanyň ýokarky we kosmos giňişliginiň ýere ýakyn gatlaklarynyň fizikasy, seýsmologiýa, adamyň yssy howa uýgunlaşmagy ýaly meseleler degişlidir.

Şu ýerde özüniň ylmynyň ýüzüni kesgitleýän ugurlaryň ençemesi boýunça Türkmenistanyň baryp XX asyryň 70 — 80-nji ýyllaryndan başlap, işjeň halkara hyzmatdaşlygyny ýola goýandygyny we alyp barandygyny hem ýatlap geçeliň. Mysal üçin, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Çöller instituty Birleşen Milletler Guramasynyň Azyk we oba hojalyk guramasy (FAO) bilen hyzmatdaşlygy 1981-nji ýylda ýola goýdy. Türkmen alymlary çölleşmek boýunça bütindünýä atlasy düzülende, çölleşmä baha bermegiň we oňa garşy göreşmegiň türkmen usulynyň esas hökmünde kabul edilmegini FAO teklip etdiler.

80-nji ýyllaryň ortasyndan başlap, BMG-niň Aziýa we Ýuwaş ummany ýurtlary üçin Ykdysady we durmuş topary (ESCAP), ÝUNESKO-nyň ekologiýa boýunça ylymlar bölümi, BMG-niň okuw we ylmy-barlag instituty (UNITAR), BMG-niň ýanyndaky ylmy-tehniki ösüş Merkezi (STDC) hem Çöller instituty bilen ýakyn aragatnaşygy ýola goýdular.

Türkmenistanyň YA-nyň Çöller institutynyň we onuň tejribelik stansiýalarynyň esasynda 1978-nji ýylda açylan kurslarda 1978 — 1986-njy ýyllarda Aziýa, Afrika we Latyn Amerikasy ýurtlarynyň 50-sinden 500-den gowrak çöl öwrenijiler özleriniň hünärlerini ýokarlandyrdylar. 1984-nji ýylda «Çägeleri özleşdirmegiň esaslarynyň işlenip taýýarlanylmagyna we ylmy işgärleri taýýarlamaga goşan görnükli goşandy üçin» Çöller instituty UNEP-iň kümüş medaly bilen sylaglandy.

### Halypa diplomatdan ussatlyk sapaklary

Indi türkmen diplomatiýasynyň aýratynlyklary baradaky gürrüňe geçsek, ozaly bilen, Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasatyna käbir aýratynlyklaryň mahsusdygyny belläp geçeliň. Mysal üçin, Bitaraplygyň türkmen nusgasy käbir beýleki bitarap döwletleriň syýasatyndan tapawutlylykda, wagt boýunça çäklendirilen däldir we ol parahatçylykly döwürde hem, harby ýagdaýda-da hereket edýändir. Özüniň mazmuny boýunça bolsa Türkmenistanyň Bitaraplygy oňyndyr, işjeňdir, umuman, ol hereketleriň syýasatydyr.

Ýeri gelende, diplomat-alym hökmünde şu ýazgylaryň awtoryna türkmen halkynyň mentalitetiniň



we halkara diplomatiýasynyň ýörelgelerini utgaşdyryp, türkmen diplomatiýasyna milli we umumadamzat öwüşginleri bermegiň başardandygyny hem belläp geçeliň. Şol öwüşginler türkmen diplomatlarynyň halypasynyň ýazan ylmy eserlerinde, şeýle hem onuň okuw kitaplarynda aýdyň ýüze çykýar.

***Amangeldi RAHMANOW,***
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň müdiri, Türkmenistanyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi, Türkmenistanyň ussat diplomaty, professor, taryh ylymlarynyň doktory, filosofiýa ylymlarynyň kandidaty.*

# TÜRKMEN-EÝRAN GATNAŞYKLARY – HOŞNIÝETLI GOŇŞUÇYLYGYŇ NUSGASY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly içeri we daşary syýasaty netijesinde Türkmenistan döwletimiz dünýä döwletleri bilen dost-doganlyk gatnaşyklaryny pugtalandyrýar. Şol sanda, Türkmenistanyň iň ýakyn goňşusy bolan Eýran Yslam Respublikasy bilen netijeli hyzmatdaşlygy hemmetaraplaýyn



ösdürmek döwletimiziň alyp barýan daşary syýasatynda uly strategik ähmiýete eýedir. Şu ýylyň 28-nji awgustynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Eýran Yslam Respublikasynyň täze Prezidenti saýlanandan soň döwlet ýolbaşçylarynyň hatarynda ilkinjileriň biri bolup, Eýrana iş saparyny amala aşyrmagy hem uly taryhy ähmiýete eýe bolup, bu iki ýurduň arasyndaky dostlukly gatnaşyklaryň barha berkeýändigini görkezýär.

Eýran Yslam Respublikasyna iş saparynyň çäginde dostlukly ýurduň Prezidenti Masud Pezeşkian bilen geçirilen duşuşygyň dowamynda türkmen halkynyň Milli Liderine pars diline terjime edilen «Enä tagzym — mukaddeslige tagzym» atly kitabyň sowgat berilmegi hem halklarymyzyň arasyndaky dost-doganlyk gatnaşyklarynyň mizemez binýadynyň nyşanydyr. Türkmen-eýran hyzmatdaşlygynda medeniynsanperwer ugruň ilerledilmegine aýratyn ähmiýet berýän Milli Liderimiz öz adyndan we döwlet Baştutanymyzyň adyndan Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti Masud Pezeşkiany Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli şu ýylyň 11-nji oktýabrynda Aşgabatda geçiriljek döwlet we hökümet Baştutanlarynyň halkara forumyna gatnaşmaga çagyrdy. Bu il-ýurt bähbitli taryhy wakalar iki döwletiň arasyndaky hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge hem-de doganlyk halklarymyzy has-da ýakynlaşdyrmaga uly ýardam edýär.

Her ýylda däp bolşy ýaly, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň 5-nji ýyl talyplary döwletimiziň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynda, konsullyk edaralarynda we halkara guramalarynyň ýanyndaky hemişelik wekilhanalarynda önümçilik tejribeligini geçýärler. Şunuň bilen baglylykda, bize hem Türkmenistanyň Eýran Yslam Respublikasynyň Maşat şäherindäki Baş konsullygynda önümçilik tejribeligimizi geçmek bagty miýesser etdi. Bu bolsa biz, talyp ýaşlaryň Eýran Yslam Respublikasynyň taryhy, medeniýeti bilen içgin tanyşmagymyz, özümiziň hünär kämilligimizi ýokarlandyrmagymyz, tejribe toplamagymyz üçin uly ähmiýete eýe boldy. Pursatdan peýdalanyp, türkmen ýaşlarynyň kämil bilimli, öz saýlap alan hünärleriniň çyn eýeleri bolmaklary, watansöýüji, ilhalar adamlar bolup ýetişmekleri üçin giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp sagbolsun aýdýarys.

***Ylhas ATAMYRADOW,***
***Guwanç SERDAROW,***
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň V ýyl talyplary.*
*(Türkmenistanyň Eýran Yslam Respublikasyndaky Baş konsullygy, Maşat şäheri).*

*Туркменская делегация во главе с заместителем министра иностранных дел Туркменистана М.Бяшимовой приняла участие в 68-й сессии Генеральной конференции Международного агентства по атомной энергии (МАГАТЭ), которая прошла в Вене, Австрия.*

# THE XXV CONFERENCE OF THE HUMANITARIAN ASSOCIATION OF TURKMENS OF THE WORLD TOOK PLACE

*The XXV Conference of the Humanitarian Association of Turkmens of the World was held at the Centre of Public Organizations of Turkmenistan on September 14. Representatives of Turkmen diasporas from a number of foreign countries, as well as delegates from all regions of Turkmenistan took part in the forum held on the eve of the country's main holiday - Independence Day.*

This conference was a clear confirmation of Turkmenistan's commitment to maintaining close relations with its compatriots living abroad and their active participation in large-scale events held in the ancestral homeland.

On the eve of the conference an exhibition of arts and crafts was held, show casting the rich cultural heritage of the Turkmen people, their history and distinctive traditions.

The official opening of the XXV Conference of the Humanitarian Association of Turkmens of the World was then announced and solemn part of the conference began with performance of the National Anthem of Turkmenistan.

Then the agenda of the forum was unanimously approved, which included a report on the work done and a discussion of the priority directions of the further activities of HATW in the era of Renaissance of a new era of prosperity of new powerful state.

The welcoming message from President Serdar Berdimuhamedov was read out to the participants of the conference.

He congratulated them on the 33rd anniversary of independence of Neutral Turkmenistan, and on the start of the XXV Conference. The head of state expressed confidence that the conference held at a high organisational level on the eve of the main national holiday, Independence Day of Turkmenistan, would increase pride for the native Motherland and be of great importance for uniting the Turkmens of the world and further intensifying friendly ties.



It was noted that the Humanitarian Association of Turkmens of the World plays an important role in strengthening international relations, promoting the culture, unique customs and traditions, history, literature and language of the Turkmen people. The association has become a prestigious dedicated to uniting Turkmens worldwide. Much work remains to further strengthen brotherly relations and develop effective cooperation in the economic, cultural, scientific, educational, health and business spheres, especially in popularizing the rich spiritual and cultural heritage of our people.

During the subsequent meeting, the delegates were provided with detailed information on the large-scale social and economic programmes being successfully implemented to enhance the well-being of the people and international prestige of Turkmenistan. Additionally, the country's major international projects aimed at frostering fruitful cooperation with other nations were highlighted.

**Aygozel ASHIROVA,**
*Lecturer of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan.*

# HALKDA HAKYŇ ADY BAR



Halkymyzda şeýle ajaýyp milli ýörelge bar: il bähbitli işe girişilmezden, uly toýlara başlanylmazdan öňinçä il sylagly ýaşulular, akyldar, ylymdar, il bähbidini araýan geňeşdarlar bilen maslahat edilýär. Bu däp öz gözbaşyny gadymyýetiň jümmüşinden, baryp-ha Oguz han eýýamyndan alyp gaýdýar. 2024-nji ýylyň 24-nji sentýabrynda paýtagtymyzdaky Maslahat köşgünde geçiriljek Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisi bolsa bu durmuşy ýörelgäniň mynasyp dowamy bolup, nusgalyk döwlet taglymaty bilen beýik geljegi gurýandygymyzyň aýdyň nyşanydyr.

Maksat-meýilleri anyk, takyk kesgitlemek islendik babatda bolşy ýaly, döwlet durmuşynda-da örän möhüm bolmak bilen, ýurduň ykdysady ösüşinde esasy çelgidir. Şunda Diýarymyzda Garaşsyzlyk baýramynyň bellenilýän günlerinde geçirilýän ählihalk forumy möhüm taryhy ähmiýete eýe bolup durýar. Munuň özi garaşsyz ösüş döwründe edilen işleriň jemini jemlemek, öňde durýan möhüm wezipeleri ara alyp maslahatlaşmak we olar boýunça degişli çözgütleri kabul etmek üçin açyk jemgyýetçilik-syýasy platformadyr. Halkymyzyň döwlet gurmakda we ony dolandyrmakda toplan köpasyrlyk tejribesi, häzirki zaman demokratik-hukuk gymmatlyklary onuň düýp esasyny düzýär.

*Halk Maslahaty — munuň özi, ilkinji nobatda, agzybirligiň, adalatlylygyň, jebisligiň nyşany.*
*Halk Maslahaty — şöhratly pederlerimiziň halk häkimiýeti baradaky däpleriniň dowamy.*
*Halk Maslahaty — hakyky halk demokratiýasy.*
*Halk Maslahaty — beýik işleriň başlangyjy, türkmen halkynyň geljegi.*

Beýik işler hemişe adamlaryň kalbyny ýagtyldýar, geljegine röwşenlik çaýýar. Türkmen jemgyýetiniň agzybirligini, jebisligini berkidip, milli demokratiýany ösdürmekde gazanylýan üstünlikler, taryhy ösüşler bolsa Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň döredijilikli başlangyçlary, beýik işleri bilen baglanyşyklydyr. Bütin dünýäde belent mertebä, uly at-abraýa eýe bolan Milli Liderimiziň parasatly taglymatynda halkymyz baradaky aladalaryň ruhy güýji jemlenýär. Şunda Gahryman Arkadagymyzyň: «Biziň ählimiziň iň esasy maksadymyz jandan eziz görýän Watanymyzy beýik geljege tarap ynamly öňe alyp barmakdan ybaratdyr» diýen sözleri her birimizi täze üstünliklere ruhlandyrýar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyz halkara hukugynyň ýörelgelerine esaslanyp, demokratiýany ilerletmek bilen baglylykda, ýurdumyzda raýat jemgyýetini kämilleşdirmäge, dünýä ölçeglerine laýyklykda adamyň we raýatyň hukuklaryny, azatlyklaryny üpjün etmäge, hukuk taýdan goramaga, syýasy ulgamy ösdürmäge, şeýle-de kämilleşdirmäge yzygiderli üns berýärler. Munuň özi ilatyň döwleti hem-de jemgyýeti dolandyrmaga işjeň gatnaşmagyna, raýatlaryň durmuş, syýasy hukuklarynyň täze mazmun bilen baýlaşmagyna oňaýly täsir edýär.

Türkmen jemgyýetini dolandyrmagyň iň bir gadymy institutlarynyň biri bolan Halk Maslahaty döwürleriň we nesilleriň aýrylmaz arabaglanyşygynyň aýdyň beýanydyr. Şanly ýylymyzda geçiriljek umumymilli forum akyldar şahyrymyzyň arzuwlan berkarar döwletlilik taglymatynyň barha rowaçlanýandygynyň ajaýyp beýanyna öwrüler. Bu möhüm jemgyýetçilik-syýasy waka Garaşsyz, baky Bitarap döwletimiziň täze taryhyna altyn harplar bilen ýazylyp, «Döwlet adam üçindir!», «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ajaýyp ýörelgelerimize laýyklykda, halka daýanyp, halkyň hatyrasyna netijeli durmuş-ykdysady syýasatyň üstünlikli amala aşyrylmagyna kuwwatly itergi berer.

**Atamyrat ÝAZWELIÝEW,**
*Halkara žurnalistikasy fakultetiniň III ýyl talyby.*

***Türkmenistanyň wekiliýeti 11 — 14-nji sentýabr aralygynda Sankt-Peterburgda geçirilen 10-njy Halkara Birleşen medeniýet forumyna gatnaşdy. Forumyň esasy mowzugy «XXI asyryň medeniýeti: özygtyýarlylyk ýa-da globalizm» boldy.***

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Baş redaktor
**Täzegül KULJIKOWA**

***Baş redaktoryň orunbasarlary:*** *M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.*
***Jogapkär kätip:*** *B.Garaýew.*
***Jogapkär kätibiň orunbasary:*** *A.Kaşaňow.*
***Bölüm müdiri:*** *J.Öwezowa.*
***Edebi işgärler:*** *A.Ýazweliýew, O.Çaryýarowa, A.Nobatowa, Y.Hallyýew.*
***Korrektor:*** *A.Döwletowa, M.Orazdurdyýewa.*

***Redaksion geňeşiň agzalary:***
*B.Ataýew, M.Berdinyýazow, A.Gökleňow, R.Bäşimow, B.Saryýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, M.Gandymowa, P.Çaryýew, J.Pürjäýewa, O.Amanmuhammedowa.*

***Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.***

***E-mail:***
***hgi.redaksiya@gmail.com***